***Türkmenistanyň Konstitusiýasynda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy diýlip yglan edilen adamyň abadan durmuşyny üpjün etmek Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlüp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, eziz Watanymyzda giň gerime eýe bolan köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş we sport hereketini ösdürmek babatda alnyp barylýan işler, saglygy goraýyş we sport ýaly ulgamlarda gazanylan ajaýyp üstünlikler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.***

Milli Liderimiz: «Sport güýç-gaýratdyr, gözellikdir we sagdynlykdyr. Sporta bolan söýgi durmuşa bolan söýgüdir» diýip belleýär. Şoňa görä-de, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň dürli künjeklerinde döwrebap sport toplumlary, saglygy goraýyş maksatly möhüm desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Ýurdumyzda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, umumybilim berýän mekdepleriňdir ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ýaşaýyş toplumlarynyň taslamalary işlenip taýýarlanylanda we gurluşyk işleri alnyp barlanda zerur bolan sport düzüminiň bolmagy hökmany talapdyr.

Saglyk diňe her bir adam üçin däl, eýsem, tutuş jemgyýet üçin uly gymmatlykdyr, çünki ol beden taýdan sagdynlygyň we güýç-kuwwatyň, zähmet hem-de döredijilik işjeňliginiň, abadan durmuşyň gözbaşydyr. Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda işlenip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, jemgyýetçilik we döwlet durmuşynda durnuklylygy üpjün etmek, sazlaşykly ösüşi gazanmak, halkyň saglygyny gorap saklamak maksady bilen, ýöriteleşdirilen keselleri anyklaýyş-bejeriş merkezleri, hassahanalar, şypahanalar hem bina edildi.

Ýurdumyzyň bedenterbiýe we sporty ösdürmek babatdaky oňyn tejribesi dünýä bileleşiginiň, iri halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň giň ykrarnamasyna eýe bolýar. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 3-nji iýunyň «Bütindünýä welosiped güni» diýlip yglan edilmegi, BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» hem-de «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamalarynyň biragyzdan kabul edilmegi, Türkmenistanyň 2023 — 2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça hökümetara komitetiniň agzalygyna biragyzdan saýlanylmagy Garaşsyz Watanymyzda sporty ösdürmek babatda alnyp barylýan işleriň üstünliklere beslenýändigini görkezýär.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny, bedenterbiýäni we sporty ösdürip, dünýä derejeli sport döwleti hökmünde ata Watanymyzyň halkara abraýyny belende göterýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp

Все права защищены

barýan giň gerimli işleri elmydama rowaç bolsun!

**Firýuza JUMAÝEWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky TDMI-niň bedenterbiýe mugallymy.**

Все права защищены